# Derdinden

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Derdinden DERDINDEN

*Çünki onuň galan ömri hasaply,*
*Çünki onuň galan ömri azaply.*
***A.Annaberdiýew***

Ýa Ýaradan, ýardam ber-de, ýalkawer,
Başky dileg düşek üste ýykmawer!
Güýç mejaly sogrup alma gerdenden,
Gelip ýeten garrylygyň derdinden.

Manysyz sözletme, dilsizem etme,
Ýokumsyzyň ýoknasyzyn diňletme!
Tutdurmawer her namardyň egninden,
Orun alan garrylygyň derdinden.

Oturyp galmaga etme mejalsyz,
Gorkýan zadym- goýmaweri ejapsyz!
Jyda düşmäwesin bende erkinden,
Orun alan garrylygyň derdinden.

Arzuw hem garraýar, garradyk saýy,
Arzuw edip geçdim dagda bag jaýy.
Ugruna çykara giç galdym indem,
Orun alan garrylygyň derdinden.

Ýetişip bilmänim tabşyryp bala,
Şaýym tutdum indi barmaly ýola.
Razy bolaweriň, Halaýyk, birden,
Göçüm etsek garrylygyň derdinden.

2022 ý. Goşgular